# E-Dostluk Aýlyk Beýannama: Awgust 2012

E-dostluk Sosiýal Platformasy 27 mart 2012-de TmUnit Topary web-düzüjileri tarapyndan düzüldi. TmUnit grubynyň ýapylmagy bilen, dolandyryjyk işlerini E-Dostluk topary adyna öz toparymyz eline aldy. Şol günden bu ýana 800 çemesi Türkmen saýtymyza agza boldy we doly ulanmana başlady. Agza sanymyzy has hem köpeltmek üçin dürli reklama we beýleki kanallar bilen sesimizi duýurmaga dowam edýäris. Munuň üçin hem öz Markalaşmak strategiýamyz boýunça ýol almagy maksat edindik.

Saýtymyzyň öňki dolandyryjy administratorlaryndan Agaly Rahmanowyň täze açylan SalamTürkmen multi-mediýa proýektinde wezipelenenligi sebäpli, E-Dostluk kadrymyzdan çykaryldy. Saýtymyzyň häzirlikçe Yhlas Sowbetow tarapyndan dolandyrylýar. Şol sanda ol, E-Dostluk toparynyň hem gurujysy we agzasydyr. Mundan beýläk, eden her bir işimizi E-Dostluk ady bilen çap etmäne dowam ederis. Saýtymyzy ösdürmek üçin kadrymyzy giňeltmek barada maksatnamamyz şu wagt iň möhüm işimizdir. Şu wagtlyk saýtymyzyň 100% eýesi Yhlas Sowbetowdyr.

E-dostluk saýtymyzda-da aýdyp geçenimiz ýaly, biz Türkmenistan döwletimiziň ählitaraplaýyn hak we hukugyna paralel hereket edip, döwletimiziň bähbidine goşandymyzy goşmak isleýäris. Döwlet tarapyndan maglumatlar databazamyza elýeterlilik çäksizdir.

| | MART 2012 | APREL 2012 | MAÝ 2012 | IÝUN 2012 | IÝUL 2012 | AWGUST 2012 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Host Serwer Tölegi | $9 | $9 | $9 | $9 | $9 | $9 |
| Domain Tölegi | $10 | - | - | - | - | - |
| Gurluş Çykdaýjysy | $11 | - | - | - | - | - |
| Iş Güýji Tölegi | - | - | - | - | - | - |
| Reklama Çykdaýjysy | - | - | $10 | $17 | $8 | $7 |
| Reklama Girdeýjisi | - | - | - | $20 | $20 | $20 |
| Satuw Girdeýjisi | - | $10 | - | $10 | $7 | - |
| Gelen Bagyşlar | - | - | - | - | - | - |
| **BÄHBIT/ZEPER** | $30 | $1 | $19 | $4 | $10 | $4 |

Aşakdaky maglumatlar iýul aýynda degişli bolup, awgust aýynyň hasaplamalary tahmynydyr.

E-dostluk saýtymyzy has hem ösdürmek üçin reklama çykdaýjylarymyzy artdyryp, sesimizi has hem duýurmak isleýäriz. Telefonlar üçin mobil wersiýasyny düzmäne entegem dowam edýäris. Gelejekki aýlarda Apple Store we Android Store'da E-Dostluk mobil programmajymyzy girizmäni planlaýarys. Bu proýektimizi ilk 5 ýyllyk nol bähbit boýunça çyzdyk. Ýagny, bu 5 ýyllykda gelen girdeýji maýamyzy täzeden saýtymyza goýmana dowam ederis.

E-Dostluk saýtymyzyň resmi iş-ýoldaşlary (partner) tanymal JaPBaKLaR Topary, iDesign Topary, TurkmenDesign Topary, Huma London Ltd. Tekstil Firmasy we AEF Okuw Merkezidir.

Munuň ýany bilen E-Dostluk Topary öňümizdäki ýyl üçin “Türkmen Dostluk” ýa-da “TmDostluk” adynda täze diwiziýa açyp, ikitaraplaýyn goldaw we umumylyk bilen toparymyzy ösdürmäge, we adymyzy Markalaşmadyrmaga maksat edinendir.

**Hyzmat we Wezipe borçlarymyz**

1. Ildeşlerimize internet arkaly çalt habarlaşma hyzmatyny hödürlemek
2. Agza we web-trafikamyzy köpeldip, reklama hyzmatlaryny girizmek
3. Sada we profesyonal dizaýn edilen, giň çäkli funksiýalar bilen bezelen web saýt bilen agzalarymyzy hoşal etmek.
4. Saýtymyz aňsat, dogry we ýagşy niýet bilen ulanyşyny görkezmek we hödürlemek
5. Agzalarymyza platformamyzda onlaýn alym-satym hyzmatlary hödürlemek
6. Iň uly we ilkinji onlaýn Türkmen kitap, dokument, dissertasiýa ýaly ylmy-işleriň içine alýan kitaphanasyny gurmak.
7. Iň uly we ilkinji onlaýn Türkmen aýdym-saz we wideo magazinini gurmak.
8. TmUnit toparymyzy profesýonal web-dizaýnerler bilen has hem güýçlendirmek.
9. E-dostluk mobil programmajyklarymyzy Apple Storeda, Android Storeda, Owida simbiýan we jawa wersiýalar bilen ulanyşa girizmek

**BELLIK:**

*** E-Dostluk saýty ýekeje paý senedi çykarandyr. Çykyş bahasy: $5000, Häzirki Bazar bahasy: $10000

*** Ýekeje paýdar Yhlas Sowbetowdyr.

*** Sene soňunda ähli bähbitler paýdara berilýär. Tahmyny paý girdeýji ösüşi %10.

**Saýt eýesi:** **Yhlas Sowbetow Nobatowiç**